# Tisian

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Tisian TISIAN




Tisian Weçellio (italýança: Tiziano Vecellio), 1488/1490-njy ýylda Italiýada, Pýewe-di-Kadore diýen ýerde doglup, 1576-njy ýylyň 27-nji awgustynda Wenesiýada aradan çykan, Belent we Giçki Galkynyş (Renessans) döwrüniň wenesiýa nakgaşlyk mekdebiniň görnükli wekilleriniň biridir. Onuň ady Leonardo da Winçi, Rafael, Mikelanjelo ýaly meşhur nakgaşlar bilen bir hatarda durýar.
Tisian, esasan injil we hekaýaty wakalar boýunça surat çekipdir. Ondan başga-da ol portretçi hökmünde-de adygypdyr. Tisian heniz 30 ýaşamanka Wenesiýaň iň gowy nakgaşy diýlip ykrar edilipdir.
Onuň doglan ýeri bolan, Belluno etrabynyň Pýewe-di-Kadore diýen ýerinde ony käte “Tisiano da Kadore” (Tiziano da Cadore) diýibem ýa-da “Ylahy Tisian” (Tiziano Divino) diýibem atlandyrýarlar.
Öz döwründe öňdebaryjy nakgaş hem-de synçy dörediji Tisian, şol birwagtda ezber telekeçem bolupdyr. Ol “surat önümçiligi” boýunça uly ussahanany döredipdir. Özüniň uzak ömründe ol

korollaryň, rim papalarynyň, kardinallarynyň, gersoglaryň, begzadalaryň nijeme sargytlaryny berjaý edipdir.
Onuň döredijilik usuly “tonalizm” (italýança: tonalismo, La pittura tonale) diýlip atlandyrylypdyr. Tisian Renessans döwrüniň beýleki nakgaşlaryndan tapawutlylykda “maddy reňkiň beýan ediş kuwwatyny ulanypdyr, zehini doly taplanandan soň bolsa deňagramlaşdyrylan giňişlikleýinlikden, güneşlilikden hem-de renessansa mahsus baý öwüşginlilikden doly ýüz öwrüp, beden hereketliliginden, ýagtylygyň täsirine has duýgur, maýyşgak reňk öwşün atmasyndan peýdalanmaga başlapdyr [Gibellini C. Tiziano. I Classici dell’arte. – Milano: Rizzoli, 2003. – P. 128]”.
Tisianyň jaýlanan ýeri bolan Frari ybadathanasynyň kümmedindäki mazar daşynda şeýle ýazgy oýulgy: “Şu ýerde beýik Tisian Weçelli – Zewsleriň we Apellesleriň bäsdeşi ýatyr” (italýança: Qui Giace il Gran Tiziano de Vecelli Emulator de Zeusi e degli Apelli).
Tisianyň hormatyna Merkuriý (Utaryt) saýýarasyndaky sönen ýanardag ýoly (krater) atlandyrylypdyr.
Gugo fon Gofmanstalyň (1874-1929, awstriýaly şahyr) “Tisianyň ölümi” atly pýesasynda şeýle sözler bar:
“Haçan-da ol bolmadyk bolsa, tümlükde ýaşap biz,
Bilmezdik gözelligin zeminiň.”.
*Çeşmesi: https://ru.wikipedia.org/wiki/Тициан. 16.09.2022ý.*
Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty